# «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLY: TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY WE DÖWLET BAÝDAGY – KÄMIL HUKUK ULGAMYNYŇ WE TÄZE EÝÝAMYŇ BELENT MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MIZEMEZ ESASLARY»

## atly ylmy-amaly maslahatyň

# TEZISLERI

**TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATY**
**TÜRKMENISTANYŇ MEJLISI**
**TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI**
**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**TÜRKMENISTANYŇ DEMOKRATIK PARTIÝASY**
**WE JEMGYÝETÇILIK GURAMALARY**
**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET, HUKUK**
**WE DEMOKRATIÝA INSTITUTY**

# «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLY: TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY WE DÖWLET BAÝDAGY – KÄMIL HUKUK ULGAMYNYŇ WE TÄZE EÝÝAMYŇ BELENT MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MIZEMEZ ESASLARY»

**atly ylmy-amaly maslahatyň**

## T E Z I S L E R I

*(2024-nji ýylyň 16-njy maýy)*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2024

**Gülşat Ýusupowa,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

# ÝURDUMYZDA DAŞARY ÝURT DILLERINI OKATMAKDA KANUNY BINÝADYŇ KÄMILLEŞMEGI

Türkmenistanda häzirki zaman bilim bermegiň wajyp wezipeleriniň biri ýurdumyzyň orta we ýokary okuw mekdeplerinde rus, iňlis we beýleki daşary ýurt dillerini okatmakdyr. Bu babatda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz häzirki zamanyň talaplaryny we Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlyk ugrunyň geriminiň işjeň giňeldilýändigini nazara almak bilen, daşary ýurt dillerini okatmak boýunça wezipeleriň möhüm ähmiýete eýe bolýandygyny nygtady.

Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda daşary ýurt dillerini okatmak işi okuw meýilnamalarynyň we maksatnamalarynyň düzüm bölegi bolmak bilen, öňdebaryjy usulyýetler arkaly amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň ylym we bilim ugurlarynda geçirýän giň gerimli özgertmeleriniň netijesinde Türkmenistanyň orta we ýokary okuw mekdeplerinde daşary ýurt dilleriniň işjeň okadylýanlygy bilen kesgitlenýär. Ýurdumyzyň häzirki ösüş derejesi Türkmenistanyň raýatlarynyň ýörite we çeper edebiýaty okamak hem-de metbugata, radio we telegepleşiklere seljerme bermek babatda durmuşy talaplaryny kesgitleýän iňlis dilini okatmagyň köp meselelerini çözmäge mümkinçilik berýär. Gahryman Arkadagymyzyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2013-nji ýylyň 1-nji martynda geçirilen mejlisinde gol çeken «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Permanyndan, Türkmenistanda 12 ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň Konsepsiýasyny tassyklaýan Kararyndan, Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kä-

milleşdirmegiň Konsepsiýasyny tassyklaýan Kararyndan hem-de hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasyndan» gelip çykýan wezipeler bilen kesgitlenýär. Bu resminamalara laýyklykda, Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim beriş işini özgertmegiň esasy aýratynlyklary, öňdebaryjy tehnologiýalaryň işlenip taýýarlanylyşy, şeýle hem innowasion çemeleşmeleriň zerurlygy, daşary ýurt dilini okatmagyň usulyýetini ylmy taýdan esaslandyrmagyň möhümdigi ýüze çykýar.

Şol sebäpli ýurdumyzyň mugallymlary we pedagogik işgärleri ýokary bilimli, giň dünýägaraýyşly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek, bilim derejesi häzirki zamanyň ylmy-tehniki gazananlaryna laýyk gelýän milli hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen, işleri ýokary depginde alyp barýarlar. Giň gerimli özgertmeleriň netijesinde bilim ulgamynyň mekdepden öňki, başlangyç, orta, ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde okatmagyň usulyýetleri, şertleri, hili düýpgöter üýtgeýär, daşary ýurtlaryň tejribesini öwrenmek maksady bilen, yzygiderli daşary ýurtly tejribeli professor-mugallymlar tarapyndan maslahatlar, okuw saparlar gurnalýar.

**Jennet Öwekowa,**
***Türkmenistanyň Mejlisi***

## KÄMIL KANUN – YGTYBARLY BINÝAT

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda durmuşyň ähli ugurlarynda uly ösüşler gazanylyp, belent sepgitler eýelenýär. Durmuş, ykdysady we medeni meseleleriň üstünlikli çözülmegi her bir döwletiň baştutanynyň durmuşa geçirýän